Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda batly gadamlar bilen öňe barýan mähriban Watanymyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Milli manadymyzyň hümmetini ýokarlandyrmak boýunça amala aşyrylýan pul-karz syýasaty hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde wajyp hereketlendiriji maliýe guraly bolup çykyş edýär.

Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda milli manadyň dolanyşyga girizilmegi pul dolanyşygynyň taryhynda möhüm ähmiýetli waka boldy. Çünki bu hereketlendiriji maliýe guraly, bank ulgamynyň işiniň ýokarlanmagyna we tutuş ykdysadyýetiň üstünlikli ösmegine netijeli ýardam berdi. Türkmen manady ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň mizemez nyşanyna öwrüldi. Milli manadyň durnuklylygy we onuň goraglylygy halkymyzyň maddy hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmagyň pul kepilidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň çäginde raýatlarymyz «Altyn asyr», «Millikart», «Maşgala», «Milli VISA», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», şeýle hem halkara «VISA» we «Master Card» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly dürli görnüşli nagt däl hasaplaşyklaryň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «QR-kod» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we kämilleşdirmek işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar. Şeýle görnüşli sanly bank hyzmatlary müşderileriň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede, ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy » diýen şygar astynda geçýän şu ýylyň 1-nji noýabrynda milli manadymyzyň dolanyşyga girizilenine 31 ýyl dolýar. Geçilen 31 ýyllyk taryhy ýol bolsa, maliýe, ykdysady we bank ulgamynda ýetilen ajaýyp sepgitlere — gazanylan beýik ösüşlere hem-de amala aşyrylan ajaýyp özgertmelere baý boldy. Bu ugurda 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda milli manadymyzyň denominasiýasy geçirildi. Netijede, nominallary 1, 5, 10, 20, 50, 100 manat bolan banknotlar hem-de hümmeti 1, 2, 5, 10, 20 we 50 teňňä deň bolan şaýy pullar dolanyşyga goýberildi. Köp wagt geçmän, has takygy, 2012-nji ýylda nominallary 1, 5, 10 we 20 manat bolan, 2014-nji ýylda nominallary 1, 50 we 100 manat bolan modifisirlenen banknotlar dolanyşyga girizildi. Şol sanda taryhy waka — 2017-nji ýylda Aşgabat şäherinde geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary mynasybetli Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan nominallary 1, 5, 10, 20, 50 we 100 manat bolan modifisirlenen banknotlaryň dolanyşyga goýberilendigi hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024

Ýurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan pul-karz syýasaty netijesinde ajaýyp ösüşler gazanylýar. Halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlandyrylyp, bank ulgamynda geçirilýän özgertmeler esasynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi giňeldilýär we olaryň täze görnüşleri önümçilige ornaşdyrylýar. «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly hyzmatlar nagt däl hasaplaşyklaryň häzirki zaman görnüşleri bolup durýar. Munuň özi milli manadymyzyň 31 ýyllyk baýramyny belleýän Türkmenistanda döwrebap pul-karz syýasatynyň netijeli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagy, halkyň hal-ýagdaýynyň günsaýyn gowulanmagy ugrunda edýän aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, başynyň dik, mertebesiniň belent bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriniň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Yslamberdi TÄÇNAZAROW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby**

Все права защищены